<u>**Turkmence - Comfort Scriptures**</u>

**2 Korintoslylar 1:2-4 Atamyz Hudaý, Reb Isa Mesih size merhemet etsin, parahatlyk bersin! 3 Rebbimiz Isa Mesihiň Hudaýy hem Atasyna alkyş! Ol rehimler Atasy, bütin teselliler Hudaýydyr. 4 Hudaýyň bize berýän tesellisi bilen biz-de her hili muşakgat içindäkilere teselli berer ýaly, Ol her muşakgatymyzda bize teselli berýär.**

**Pähimleri 15:13 Ýürek şatlygy ýüzi ýagtyldýar, ýürek yzasy ruhy syndyrýar.**

**1 Patyşalar 8:66 Şundan soň Süleýman halky öýli-öýüne ugratdy. Olar patyşany ýalkap, Rebbiň Öz guly Dawuda, halky ysraýyla görkezen ähli ýagşylyklary üçin şatlanyp, göwnühoşlukda öýli-öýlerine gaýtdylar.**

**1 Ýazgylar 16:10 Rebbiň mukaddes ady bilen magtanyň; Ony agtarýanlaryň ýüregi şatlykdan dolsun.**

**Pähimleri 12:25 Gaýgyly ýürek adamy çökerýär, ýagşy söz bolsa ony şatlandyrýar.**

**Pähimleri 13:12 Uzaga çeken tama ýürek derdidir, hasyl bolan isleg ýaşaýyş daragtydyr.**

**Işaýa 30:26 Rebbiň Öz halkynyň ýaralaryny sarap, Öz ýetiren şikesine şypa beren güni, Aýyň nury, Günüň nury dek, Günüň nury ýedi günüň nury dek, ýedi esse artyk bolar.**

**Hoşeýa 13:8 Çagalaryndan aýrylan aýy ýaly topularyn, olaryň döşüni çekelärin. Ene arslan kimin olary iýip gutararyn. Wagşy haýwan ýaly olary parçalaryn.**

**1 Şamuwel 1:8 Äri oňa: «Hanna, sen näme üçin aglaýaň, näme üçin hiç zat iýmeýäň, näme üçin beýle hasrat çekýäň? Seniň üçin men on oguldan-da artyk dälmi näme?!» diýdi.**

**1 Şamuwel 1:10 Hannanyň kalby hasratdan doludy. Ol gözünden boýur-boýur ýaş döküp durşuna, Rebden dileg etdi.**

**Zebur 24:16,17 Maňa öwrül-de, merhemet eýle, çünki men ýalňyz, ezýetlidirin. 17 Ýüregimiň gaýgy-hasraty artdy; jebir-jepalarymdan halas et meni.**

**Zebur 33:19 19 Reb kalby synyklara ýakyndyr; ruhdan düşenleri halas edýändir.**

**Zebur 37:9 Halys tapdan düşdüm, mydar galmady, ýürek yzasyndan zar-zar gygyrýan.**

**Zebur 54:5 Ýüregim ezýet çekýär içimde, ölüm howpy abandy meniň üstüme.**

**Zebur 60:1-3 Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Kirişli saz guralynda.**

**Dawudyň mezmury. 2 Eý, Hudaý, eşit dat-perýadymy hem-de diňle meniň dogamy. 3 Meniň kalbym gam laýyna batanda, Seni çagyrýaryn ýeriň ujundan; çykyp bilmejek gaýama Sen meni çykar.**

**Zebur 61:9 Eý, halk, elmydama Oňa bil baglaň; ýüregiňizi Onuň öňünde döküň, çünki Hudaýdyr biziň penamyz. Sela**

**Zebur 72:26 Tenim, ýüregim ysgyndan düşýär, ýöne Hudaý ýürek kuwwatym, baky nesibäm.**

**Zebur 76:3,4 Muşakgatly günümde Taňryny agtarýaryn, gollarymy gijesine dynuwsyz göge gerýärin, meniň janym tesellini kabul etmeýär. 4 Hudaýy ýatlap, ahy-nala çekýärin, Ol hakda oýa batýaryn, ruhum ysgyndan düşýär. Sela**

**Zebur 85:11 Ýa Reb, hakykatyňda gezerim ýaly, maňa öwret Sen Öz ýoluňy. Seniň adyňdan gorkarym ýaly, Özüňe bagla meniň ýüregimi.**

**Zebur 108:22 Çünki men garyp we mätäçdirin, ezýet çekýär meniň ýüregim.**

**Zebur 111:7,8 Ol şum habardan gorkmaz, Rebbe bil baglap, ýüregi sarsmaz. 8 Onuň ýüregi mäkäm, ol asla eýmenmez, iň soňunda duşmanlarynyň ýeňlişin görer.**

**Zebur 142:4 Şoňa görä, ruhum sustlandy, meniň ýüregim sarsdy.**

**Zebur 146:3 Göwni synyklara Ol şypa berýär, olaryň ýaralaryny daňýar.**

**Pähimleri 14:30 Asuda paýhas bedene ýaşaýyş berýär, göriplik bolsa süýekleri çüýredýär.**

**Wagyz kitaby 1:13 Gögüň astynda edilýän ähli zatlar barada paýhas bilen gözleg hem barlag geçirmegi ýüregime düwdüm. Işli bolsunlar diýip, bu Hudaýyň ynsanlara beren agyr ýumşydyr.**

**Wagyz kitaby 2:10 Gözlerimiň islän zadyny gaýgyrmadym; ýüregimi hiç bir lezzetden mahrum etmedim; kalbym eden her işimden lezzet aldy. Bu çeken ähli zähmetimiň muzdudy.**

**Wagyz kitaby 2:22,23 Ynsanlar Günüň astynda çeken ähli zähmetinden, özüne zor salmakdan näme peýda tapýar? 23 Olaryň bütin ömri dertden, zähmeti gussadan doly; ýüregi gijesine-de rahatlanmaýar. Bu-da biderek!**

**Wagyz kitaby 11:10 Gaýgyny ýüregiňden çykar, azaby bedeniňden daşlaşdyr, çünki ýaşlyk-da, juwanlyk-da gysga wagtlykdyr.**

**Işaýa 30:29 Mukaddes baýram bellenýän gijesindäki dek aýdym aýdarsyňyz; Rebbiň dagyna, Ysraýylyň Gaýasyna tüýdük çalyp çykýan dek, ýüregiňiz şatlanar.**

**Işaýa 57:15 Beýik hem belent Bolan, ebedi Ýaşaýan, ady Mukaddes Bolan şeýle diýýär: «Men beýik, mukaddes ýerde ýaşaýaryn, pesgöwünlileriň ruhuny janlandyrmak üçin, ezilenleriň ýüreklerini janlandyrmak üçin, ezilenler we kiçigöwünliler bilen biledirin.**

**Işaýa 65:14 Bendelerim ýürek şatlygyndan aýdym aýdarlar, ýöne siz ýürek**

derdinden perýat edersiňiz, hasratly ruh bilen perýat edersiňiz.

Işaýa 66:13,14 Enäniň çagasyna teselli berşi dek, Menem size teselli bererin. Siz Iýerusalimde teselli taparsyňyz». 14 Bulary görüp, kalbyňyz şatlykdan dolar, bedeniňiz maýsa kimin gülläp öser; Rebbiň eliniň bendeleriniň üstündedigi aýan bolar, Onuň gazaby bolsa duşmanlaryna garşydyr.

Ýermeýa 15:16 Seniň sözleriňi tapyp iýdim. Sözleriň maňa şatlyk, ýüregime begenç berdi. Çünki men Seniň adyň bilen tutuldym, eý, Reb, Hökmürowan Hudaý!

Ýermeýa 24:7 Meniň Rebdigimi tanar ýaly, olaryň ýüreklerine isleg bererin. Olar Meniň halkym bolar, Men-de olaryň Hudaýy bolaryn, çünki olar tutuş kalby bilen Maňa öwrülerler“.

Ýahýa 14:1 Ýüregiňiz gysmasyn. Hudaýa iman ediň, Maňa iman ediň.

Ýahýa 14:27 Men size parahatlyk goýup barýaryn, Öz parahatlygymy size berýärin. Men muny, dünýäniň berşi ýaly bermeýärin. Ýüregiňiz gysmasyn, gorkmaň.

Ýahýa 16:6 Ýöne bu zatlary aýdanym üçin siziň ýüregiňiz gaýgydan dolandyr.

Ýahýa 16:22 Siz barada hem şeýle, siziň-de häzir gaýgyňyz bar, emma Men sizi ýene görerin, göwnüňiz galkynar, hiç kim şatlygyňyzy sizden almaz.

Resullaryň Işleri 2:46 Bir adam ýaly bolup, her gün ybadathana ýygnanardylar, öýden-öýe çörek bölüşip, guwanç, akýüreklilik bilen nahar edinerdiler.

Rimliler 9:2 Meniň uly gaýgym, ýüregimde dyngysyz agyrym bar.

2 Korintoslylar 2:4 Men size agyr muşakgat we ýürek gorkusy zerarly köp gözýaş döküp, siziň gaýgylanmagyňyz üçin däl-de, meniň özüňize bolan bol söýgimi bilmegiňiz üçin ýazdym.

Efesliler 5:19 Biri-biriňize mezmurlar, öwgüli aýdymlar, ruhy nagmalar aýdyň, tüýs ýürekden Rebbe sazlar çalyp, nagmalar düzüň.

Pastor T. John Franklin
Church of Salvation, Healing, and Deliverance
COS-HAD.org